# «Gowy men» diýer

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Gowy men" diýer «GOWY MEN» DIÝER



Goşuňy bölekläp aýra gitseňem,
Ýolda-işde utulsaňam-utsaňam,
Ejeňize käte bir jaň etseňem:
«Gaýgy etme balam, gowy men» diýer.
Gözlerın yoluna diker oturar,
«Perzendim gora” diýp dileg tutunar,
Seň derdiň ýüregne döker oturar,
Şonda-da, «jan balam, gowy men” diýer.

Dişleri dökülip, ezer çöregi,
Billeri bükülip, kemär garagy,
Käte sanjyp gidäýse-de ýüregi,
«Azar etme balam, gowy men” diýer.

Çagasy geläýse towugyn soýar,
Dolap, näzu-nygmat torbaňa guýar,
Ugradyp, gatyja çöregin iýer,
Diýer ene, diýer: gowy men diýer.

Erkin ýöremäge galmasa haly,
Derdi artyp, hiç bolmasa mejaly
Balasyna aýdar: «Dayaw men häli,
Hiç alada etme, gowy men» diýer.

Eziz ene ýatyr saralyp-solup,
Perzent otyr, enäň halyny bilip:
Ezraýyl gelse-de başyny alyp
Pyşyrdap: «Jan guzym, gowy men» diýer.

Mertligem, gaýratam enedir, ene.
Dogumam, şöhratam enedir ýene
Hatda balasynyň düýşünde siňe:
«Özüň gora balam, gowy men» diýer. Goşgular